# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**Hojamyrat Orazow,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*

# SANLY DIPLOMATIÝADA KIBERHOWPSUZLYGYŇ ÜPJÜN EDILMEGINIŇ ÄHMIÝETI

Häzirki döwürde maglumat tehnologiýalary jemgyýetiň syýasy, ykdysady, medeni, sosial we beýleki taraplaryna giňişleýin ornaşyp, ilatyň gündelik durmuşyna özüniň uly täsirini ýetirýär. Ylmy-tehniki ösüşiň ähli ugurlarynda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylyp başlanmagy bilen, maglumat tehnologiýalarynyň ösüşiniň depgini has-da ýokarlandy we şol tehnologiýalaryň esasynda döredilýän tehniki serişdeleriň we ulgamlaryň adamzat durmuşyna çuňňur ornaşmagyna getirdi. Bu ýagdaýlar, öz gezeginde, döwlet dolandyryşynda, ylmy-barlag işlerinde, bilim ulgamynda, saglygy goraýyşda we beýleki pudaklarda degişli özgertmeleriň amala aşyrylmagyny we täze tehnologiýalaryň ulanylmagy bilen baglanyşykly ýüze çykýan köpsanly meseleleriň çözgütleriniň tapylmagyny talap edýär.

Şeýle meseleleriň hatarynda esasy orunlaryň birini sanly giňişlikde döreýän dürli derejedäki howplaryň öňüni almak, has takygy, kiberhowpsuzlygy üpjün etmek meselesi eýeleýär. Bu mesele soňky ýyllarda barha ýitilişýän görnüşe geçip başlady. Kibergiňişlikde döreýän we möçberi gitdigiçe artýan howplara garşy göreşiň has netijeli usullaryny tapmak häzirki döwrüň iň wajyp wezipeleriniň birine öwrüldi.

Halkara gatnaşyklarynda alnyp barylýan diplomatik işlerde häzirki zaman maglumat tehnologiýalaryň giňden ulanylyp başlanmagy bu işiň täze, has takygy, “sanly diplomatiýa” diýlip atlandyrylýan ugrunyň döremegine getirdi.

Sanly tehnologiýalaryň halkara gatnaşyklarda giňden ulanylmagy diplomatik işiň geriminiň artmagyna, çylşyrymly syýasy meseleleriň ýeňillik bilen, gysga wagtda çözülmegine giň mümkinçilikleri döredýän hem bolsa, bu işde kiberhowpsuzlygyň üpjün edilmeginiň zerurlygy bilen baglanyşykly meseleleri hem ýüze çykardy. Bu meseleler çözgüdiniň gaýragoýulmasyz tapylmagyny talap edýän soraglaryň birine öwrüldi. Kiberhowpsuzlyk meselesiniň sanly diplomatiýa üçin näderejede möhümdigine we ähmiýetlidigine baha bermek üçin häzirki zaman aragatnaşyk-maglumat tehnologiýalarynyň ösüş aýratynlyklary we döredýän mümkinçilikleri baradaky meselelelere ser salmak maksadalaýyk hasaplanylýar.

Häzirki wagtda sanly tehnologiýalar esasynda uly göwrümli maglumat binýatlary döredilýär we dolandyrylýar, olarda tekst görnüşli maglumatlar bilen bir hatarda, surat, ses, wideo we beýleki görnüşli maglumatlar toplanyp, binýatlardan maglumat gözleg boýunça ulgamlar kämilleşdirilýär. Maglumat ulgamlaryna sanly tehnologiýalaryň ornaşmagy netijesinde, kommunikasiýa ulgamlarynyň geçirijilik ukyby ýokarlanýar we tehnologik taýdan kämilleşip, ählumumy maglumat-

aragatnaşyk ulgamlary emele gelýär. Bu ugurlarda hemra ulgamlary we Internet tehnologiýalary has-da ösüp, adamlaryň işinde we gündelik durmuşynda giňden peýdalanylýan serişdelere öwrülýär. Maglumat we maglumat-kommunikasiýa ulgamlarynyň sanly tehnologiýalar esasynda ähli pudaklarda we jemgyýetçilik gatnaşyklarynda deň derejede ösdürilip bitewüleşdirilmegi, edara-kärhanalarda, guramalarda dolandyryş işlerinde maddy, zähmet we wagt resurslaryny tygşytlamaga, raýatlara hyzmatlary ýeňilleşdirmäge mümkinçilik berýän “elektron resminama dolanyşygy”, “bir penjire”, “elektron hökümet” ýaly ulgamlaryň emele gelmegine we giňden ornaşmagyna getirýär.

Bu ýagdaýda kompýuter tehnologiýalarynyň ösüşi ýokary depginde, tapgyrlaýyn dowam etmek bilen, internet hyzmatlary gün-günden kämilleşýär. Internetiň ösüşiniň ilkinji tapgyrynda ulanyjylara dürli administratorlar tarapyndan aýry-aýry serwerlerde döredilen saýtlarda toplanýan maglumatlar bilen tanyşmaga, elektron-poçta ulgamy arkaly alyşmaga ygtyýar berlen bolsa, ulgamyň ösüşiniň ikinji tapgyrynda uly mümkinçilikli sosial torlar emele gelip, ulanyjylaryň özleriniň akkauntlaryny döretmäge, olarda gyzyklandyryjy maglumatlary, progammalary ýerleşdirmäge, alyşmaga, özara forumlary geçirmäge, interneti söwda, logistika, önümçilik we beýleki işlerinde peýdalanmaga mümkinçilikler emele geldi.

Internetiň ösüşiniň üçünji tapgyry sanly tehnologiýalaryň ösüşiniň täze eýýamy, has takygy, wirtual pullaryň we beýleki wirtual gymmatlyklaryň döremegi, olaryň ykdysadyýete, sosial durmuşa ornaşyp başlamagy bilen bagly bolup, internetde ulanyjylara şol gymmatlyklara eýelik etmäge, alyşmaga şertler döredi. Has takygy, internet giňişliginde Blokçeýnler (wirtual banklar) döräp, olarda ulanyjylara kriptogapjyklary (wirtual bank hasaplaryny) özbaşdak açmaga, kriptogapjyklarda wirtual pullary, beýleki wirtual gymmatlyklary we zerur maglumatlary ýerleşdirmäge, maglumatlary özara alyşmaga we wirtual hasaplaşyklary geçmäge mümkinçilikler döredi.

Tehniki we tehnologik ösüşler bilen bagly, şu günde internet ulanyjylary gyzyklandyryjy maglumatlar bilen tanyşmaklarynda, sosial torlaryndaky akkauntlaryny dolandyrmakda we wirtual işjeňlikde hemra ulgamlary arkaly işleýän el telefonlaryny peýdalanýarlar.

Dünýäde ylmy-tehniki ösüşleriň beýleki ugurlaryndaky alnyp barylýan işler hem sanly tehnologiýalar bilen aýrylmaz baglanyşykda dowam edýär. Gün-günden kämilleşýän robot tehnologiýalary, täze döreýän uçarmansyz uçarlar (dron) we beýleki tehnikalar sanly tehnologiýalar esasynda işlenilip düzülýän kämil programmalar bilen dolandyrylýar.

Sanly tehnologiýalaryň esasynda täze maglumat-seljeriş, geomaglumat we beýleki “akylly” programmalaryň döremegi we olaryň dürli tehnikalara ornaşdyrylmagy bilen, adamzat jemgyýeti “emeli aň” tehnologiýalaryny ornaşdyrmak sepgitlerine gelip ýetdi. Bu ýagdaýlar sanly tehnologiýalaryň ösüşiniň

täze eýýamyna gadam basylýandygyna şaýatlyk edýär. Senagatda döredilýän önümçilik, harby, durmuşy we beýleki tehnikalaryň “akylly” programmalar arkaly dolandyrylmagy netijesinde emele gelýän we kämilleşýän “akylly” tehnologiýalar ýuwaş-ýuwaşdan “akylly” ulaglar, “akylly” jaýlar, “akylly” ýaraglar ýaly taslamalary döretmäge we durmuşa ornaşdyrmaga mümkinçilik bermek bilen, “akylly” şäher ýaly has ösen taslamalary döretmäge giň ýollary açýar.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, sanly tehnologiýalar daşary syýasat ulgamyna hem ornaşdy. Diplomatik işinde maglumat tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy bilen, aragatnaşyk we seljerme işleri kämilleşdi. Daş aralykdan onlaýn ýagdaýda halkara maslahatlary, diplomatik gepleşikleri geçirmäge wirtual meýdançalar emele geldi. Ýurduň abraýyny galdyrmakda, oňyn syýasatyny ýaýbaňlaşdyrmakda sosial torlaryň we beýleki web-resurslaryň kommunikasiýa mümkinçilikleriniň giňden ulanylmagy, sanly diplomatiýa ulgamynyň ösmegine, diplomatik işinde onuň ähmiýetiniň ýokarlanmagyna getirdi.

Şu günki günde “Twitter” we “Facebook” ýaly sosial torlar dünýä boýunça iň syýasylaşdyrylan platformalar hasaplanylýar. Bu ýagdaýa syýasatçylara, hökümet we jemgyýetçilik guramalaryna degişli akkauntlaryň sany boýunça statistiki maglumatlar şaýatlyk edýär. Diplomatiýanyň “Facebook” we “Twitter” ýaly meýdançalarda mundan beýläk-de ornaşjakdygy agzalan sosial torlaryň ulanylyşynyň häsiýetine seljerme geçirilende hem düşünmek bolýar.

Koronawirus pandemiýasynyň (COVID-19) ýüze çykmagy bilen adamzat durmuşynyň internete baglylyk derejesi has-da ýokarlandy. Bu ýagdaý daşary syýasat ulgamyna hem degerli täsirini ýetirdi. Halkara gatnaşyklarda diplomatik gepleşikleri, halkara maslahatlary geçirmekde, jemgyýete syýasy beýanatlary etmekde we beýleki ýüzlenmelerde wirtual meýdançalary ulanmaga ýykgyn edildi.

Pandemiýanyň aradan aýrylandygyna garamazdan, internetiň syýasy meýdança bolup hyzmat etmek derejesi gowşamaýar. Bu ýagdaý sanly diplomatiýanyň ösmegine pandemiýanyň täsiri bilen bir hatarda, diplomatiýanyň şol ugrunyň ähmiýetiniň hem uly rol oýnaýandygyny görkezýär. Hususan-da, syýasatçylaryň jemgyýetçilik bilen gatnaşyklarynda adaty diplomatiýadan sanly diplomatiýanyň artykmaçlyklary bar. Şeýle-de konsullyk işlerinde raýatlaryň ýüzlenmelerini kabul etmekde we olara seretmekde internet amatly meýdança bolup hyzmat edýär. Daşary syýasat we halkara wakalar barada uly göwrümli maglumat binýatlarynyň döredilmegi, olaryň kämil programmalar arkaly dolandyrylmagy bilen, dünýäde we aýry-aýry sebitlerde, döwletlerde syýasy hem-de harby-syýasy ýagdaýlara baha bermäge, halkara gatnaşyklary seljermäge, halkara we döwletara gatnaşyklaryň strategik ugurlaryny kesgitlemäge uly mümkinçilikleri döretdi.

Hukuk goraýjy, daşky gurşaw we beýleki ugurlar boýunça hereket edýän halkara guramalarda uly göwrümli halkara maglumat binýatlarynyň döremegi, olaryň döwletleriň degişli pudaklary tarapyndan ylalaşykly ulanmaklary halkara

diplomatiýanyň kämilleşýän ugurlaryna öwrüldi. Bu ugurlarda hem internet ulgamy esasy kommunikasiýa serişdesi bolup hyzmat edýär.

Sanly tehnologiýalaryň ösmegi netijesinde, wirtual pullaryň we beýleki wirtual gymmatlyklaryň döremegi maliýe we söwda diplomatiýalarynda täze sahypalary açdy.

Ýokarda bellenilişi ýaly, döredilýän we kämilleşdirilýän maglumat, maglumat kommunikasiýa, internet, hemra, robot, “akylly” we beýleki ulgamlar adamzat jemgyýetiniň syýasy-ykdysady we durmuşy ösüşlerinde uly rol oýnamak bilen bir hatarda, goşmaça howpsuzlyk meselelerini – maglumat howpsuzlygy meselelerini ýüze çykarýar. Adamlar we adamzat jemgyýeti üçin döredilýän peýdaly tehnologik ulgamlary jenaýatçylykly we duşmançylykly taraplar özleriniň zyýan ýetiriji maksatlarynda hem ulanýarlar. Hususan-da, internetiň sosial torlarynyň ulanyjylar üçin bar bolan giň mümkinçilikleri jemgyýete zyýanly maglumatlary ýaýratmakda ulanylýan bolsa, internetde wirtual aktiwleri banklaryň gözegçiliginden daşary dolandyrmak üçin döredilýän şertler, dürli hili jenaýatçylyklary maliýeleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Öňdebaryjy tehnologiýalardan baş çykarýan jenaýatçylykly elementler we toparlar şol tehnologiýalary peýdalanyp zyýanly programmalary (kompýuter wiruslaryny) işläp düzýärler. Şol programmalaryň kömegi bilen, raýatlaryň maliýe serişdelerini we beýleki emläklerini dolandyrýan maglumat ulgamlaryny gözegçilige almak arkaly, kiberjenaýatçylyklary amala aşyrýarlar. Dürli binýatlardan gizlin maglumatlary almak bilen, olaryň aýan bolmagyna getirýärler ýa-da şol ulgamlary hatardan çykarmak ýaly hereketler bilen, önümçilik we durmuş infrastrukturasyna düýpli zeper ýetirýärler.

Şonuň üçin maglumat howpsuzlygy meselesi, esasan, iki sany aspektden, ýagny maglumat giňişligine ýaýraýan jemgyýete zyýanly maglumatlardan adamlary goramak we maglumat ulgamlaryny kiberhüjümlerden gorap saklamak wezipelerinden durýar.

Birinji wezipe, esasan, jemgyýetde wagyz-nesihat, düşündiriş işlerini alyp barmak, daşary ýurt internet-prowaýderleri bilen gatnaşyklaryň çäklerinde zyýanly resurslary ýapdyrmak we ýurduň maglumat giňişligine internetiň zyýanly resurslaryna ýollary petiklemek ýaly sosial-syýasy, halkara hyzmatdaşlyk, tehniki-guramaçylyk çäreler bilen çözülýän bolsa, ikinji wezipe, esasan, maglumat we kommunikasiýa ulgamlaryny kiberhüjümlerden goraýan apparat-programma serişdelerini işläp düzmek we ornaşdyrmak arkaly amal edilýär.

Diplomatik işde sanly tehnologiýalaryň ulanylmagy bu ugurda hem kiberhowpsuzlygyň üpjün edilmeginiň iňňän ýokary ähmiýetiniň barlygyny görkezýär. Aýry-aýry döwletleriň wekilleriniň, şol sanda diplomatlaryň halkara maslahatlarda, diplomatik gepleşiklerde we daşary syýasat ulgamyna degişli maglumatlary alyşmakda sanly meýdançalara ýykgyn etmekleri olaryň işlerini kiberwehimleriň öňünde ejiz ýagdaýda goýýar.

Diplomatik wekilhanalaryň gizlin syýasy gepleşikler we beýleki milli howpsuzlyk meseleleri babatda maglumatlar bilen işlemekleri, şol maglumatlaryň alşylmagy, degişli binýatlarda toplanmagy we dürli derejelerde seljerilmegi, olaryň goraglylygyny üpjün etmek we diňe ygtyýary bolanlary tanyşdyrmak işlerini esasy ileri tutulýan, möhüm meselä öwürýär. Sebäbi şol maglumatlara syýasy garşylykly taraplaryň ygtyýar almagy we beýleki syýasy oýun häsiýetli hereketlere mümkinçilik döredýär.

Diplomatik gatnaşyklarda döwletleriň özara we halkara guramalary bilen arabaglanyşygynyň ýygjam bolmagy bilen bagly bir döwletiň daşary syýasat maglumat ulgamyna kiberhüjüm edilende, onuň gatnaşýan syýasy bileleşikleriniň, gatnaşyk saklaýan hyzmatdaşlarynyň daşary syýasatyndaky durnuklylyga hem wehim salynýar. Şonuň üçin diplomatik işinde kiberhowsuzlygy üpjün etmek çäreleri halkara gatnaşygyň özara baglanyşykly toruny goraýan galkan bolup hyzmat edýär.

Diplomatik işe sanly tehnologiýalaryň ornaşmagy daşary syýasatda ýalňyşdyryjy maglumatlaryň ulanylmagyna hem şertleri döredýär. Bu ýagdaý daşary syýasatda esasy wehimleriň biri hasaplanylýar. Diplomatik gatnaşyklarynda alşylýan maglumatyň, beýanatlaryň tehniki ýollar bilen ýoýulmagy ýa-da ýalňyş beýan edilmegi halkara gatnaşyklarda düşünişmezliklere, dartgynlylyga, döwletara derejede ynamyň gaçyrylmagyna getirip bilýär. Şonuň üçin alşylýan maglumatlaryň asyl nusgasynyň goralmagynda kiberhowpsuzlygy üpjün etmek işleriniň uly ähmiýeti bar [3].

Sanly tehnologiýalar esasynda kämilleşýän maglumat, maglumat-kommunikasiýa, internet, hemra, robot we beýleki ulgamlaryň dünýäde iň çalt ösýän pudaklara degişli bolmagy bilen bagly bu ugurlarda öňdebaryjy tehnologiýalaryň durmuşa ornaşdyrylmagy netijesinde, kanunçylyk tiz könelişýär. Agzalan ýagdaýlar kanunçylygy yzygider kämilleşdirmegi, täze ornaşdyrylýan tehnologik ösüşleriň talaplaryna gabat getirmegiň zerurlyklaryny ýüze çykarýar.

Şonuň üçin ähli ýurtlarda döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak işleri milli kanunçylygy kämilleşdirmek işleri bilen utgaşykly alnyp barylýar. Öňdebaryjy tehnologiýalaryň adamzat jemgyýetiniň ösüşine ýetirýän täsirleri bolsa, halkara kanunçylygynyň özgerdilmegine getirýär. Şonuň üçin diplomatik işine sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy maglumat howpsuzlygy we kiberhowpsuzlygy üpjün etmegiň aýratynlyklary babatda milli we halkara kanunçylygy kämilleşdirmegi talap edýär.

Şeýle-de öňdebaryjy tehnologiýalary işläp düzmek, durmuşa ornaşdyrmak, dolandyrmak, tehnologik taýdan ösen önümçiligi ýola goýmak işleri olardan baş çykarýan, başarnykly hünärmenleri ýetişdirmegi talap edýär. Şonuň üçin ähli ýurtlaryň bilim ulgamlarynda, şol sanda daşary syýasat ulgamyna degişli okuw

jaýlarynda sanly diplomatiýa ugry boýunça okuwlar ösdürilýär, öňdebaryjy tejribeler alşylýar.

Türkmenistanda sanly ykdysadyýete geçmek, şol sanda bu ulgamy kadalaşdyryş-hukuk ýagdaýy bilen üpjün etmek boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Bu ugurda “Aragatnaşyk hakynda”, “Türkmenistanda internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda”, “Maglumat we ony goramak hakynda”, “Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda”, “Kiberhowpsuzlyk hakynda”, “Elektron resminama, elektron resminamanyň dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda” Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi [2].

Şeýle-de 2018-nji ýylda “Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllar aralygynda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy” kabul edilip, onda kiberhowpsuzlyk bilen baglanyşykly çäreler hem öz beýanyny tapdy. Konsepsiýanyň kabul edilmegi bilen, ýurdumyzyň ähli pudaklarynda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça uly göwrümli işler alnyp barylýar. [1]. Şol sanda Konsepsiýanyň çäginde Türkmenistanyň daşary syýasat ulgamynda uly wezipeler ýerine ýetirilýär. Hususan-da, daşary ýurtlularyň Türkmenistana wiza almak üçin ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky wekilhanalaryna ýüzlenmeleri goragly hemra ulgamlary arkaly Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň merkezleşdirilen maglumat binýadyna gelip düşýär. Degişli barlaglardan soň, wiza bermek barada netijeler şol hemra ulgamy arkaly daşary ýurt wekilhanalara ýetirilýär. TDMG-niň merkezleşlerdirilen maglumat binýadyna ähli Barlag-geçiş nokatlaryndan, daş aralykdan goragly ygtyýarlaryň gurnalmagy şol nokatlardan Türkmenistana girýän daşary ýurtlularyň wizalarynyň hakykylygyna gözegçilik etmäne doly mümkinçilikleri berýär. Şeýle-de TDIM-niň internet saýty ýurdumyzyň hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny, halkara gatnaşyklarda bitarap ýörelgelerini, halkara guramalarda üstünlikli çykyşlaryny ýaýbaňlandyrmaga giň wirtual meýdança bolup hyzmat edýär. Şol ulgamlaryň we meýdançalaryň goraglylygyny üpjün etmek işleri bolsa, şu günde esasy meseleleriň biri bolup durýar we diplomatik işde sanly tehnologiýalaryň ulanylmagy bilen bagly kiberhowpsuzlygy üpjün etmegiň ähmiýetine aýdyň şaýatlyk edýär.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllar aralygynda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy.

2. *Patiýewa T.* Sanly ykdysadyýetiň konsepsiýasynyň aýratynlyklary.

3. *Синчук Ю.В.*, *Каширина Т.В.* Перспективы и возможности цифровой дипломатии. Журнал политических исследований. №2, том 5, 2021.